TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk mekdebi

# Dürs ýazuw

MUGALLYMÇYLYK MEKDEPLERI ÜÇIN OKUW GOLLANMASY

TAÝÝARLAN: TÜRKMEN DILI MUGALLYMY M.METDIÝEWA

AŞGABAT | 2019ý.

**Aman Kekilow adyndaky Mugallymçylyk**

**mekdebiniň mugallymçylyk geňeşinde tassyklandy**

# DÜRS ÝAZUW

**dersinden mugallymçylyk mekdepleri üçin okuw gollanmasy**

**Taýýarlan: türkmen dili mugallymy M.Metdiýewa**

**Aşgabat-2019ý.**

## Giriş

Türkmen döwletiniň özbaşdak, Garaşsyz döwlet bolmagy ýurdumyzdaky ägirt uly özgerişleriň başlangyjy boldy. Häzir mähriban Watanymyzyň syýasy, ykdysady, medeni durmuşynda uly üýtgeşmeler bolup geçýär.

Dünýäniň ösen ýurtlarynda ylmyň, tehnikanyň biçak öňe gitmegi parahatçylykly, özara ähmiýetli gatnaşyklaryň geriminiň giňelmegi döwletara informasiýa alşygynyň hem möçberini giňeltdi. Bu bolsa durmuşyň ähli gatlaklarynda häzirki zaman kompýuter tehnikasyny giňden ulanmaklyga, kompýuterleriň has kämil görnüşlerini döretmeklige getirdi. Häzir ýer ýüzünde durmuşyň ähli pudaklarynda informasiýa almak latyn grafikasynda işleýän kompýuterler arkaly amala aşyrylýar we kem-kemden bütindünýä informasiýa ulgamy kemala gelýär.

Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen syýasy, ykdysady,ylmy, medeni, söwda we beýleki gatnaşyklarynyň giňelmegi şol ulgama goşulmak  üçin ýurdumyzda informasiýa tehnologiýasyny, şeýle hem elipbiýimizi we milli ýazuwymyzy kämilleşdirip, bütindünýäde ykrar edilen nusgalara golaýlaşdyrmak zerurlygyny öňümizde goýupdy.

Şu sebäpli hem Türkmenistanda 1993-nji ýylyň 12-nji aprelinde “Täze türkmen elipbiýi “ kabul edildi. 1996-njy ýyldan bolsa latyn grafikasyna esaslanan türkmen ýazuwy girizildi.

Mugallymçylyk mekdeplerinde okaýan geljekki hünärmenleriň başlangyç synp okuwçylaryny milli  elipbiýiň dürs grafiki şekilleri bilen

tanyşdyryp, olarda owadan, ýeterlik derejede çalt we ritmiki ýazuw endiklerini döretmegi başarmagy zerurdyr. Şu maksat bilen hem Mugallymçylyk mekdepleriniň talyplary okuwçy depderlerinde, klas tagtasynda, dürs ýazmagy öwrenmelidirler, harplaryň kalligrafik şekilini, olaryň özara birikdirilişini, harplaryň ähli elementleriniň dogry atlandyrylyşyny bilmelidirler.

Aýry-aýry harplaryň rasional ýazylyş tärlerini, birikdirilişini çalt, mugallymyň sanamagy bilen ýa-da özüniň sanamagy bilen ritmiki ýazylyşyny doly ele almalydyrlar, şeýle hem talyplar synp tagtasynda ýazuw gözenejiklerini  çyzmagy, ýazýan zadynyň öňüni ýapman, görkezip synp tagtasynda ýazmagy başarmalydyrlar.

Maksatnama haýal ýazuwa niýetlenen goşa çyzykly (1 klas) we çalt maýda ýazuwa niýetlenen ýeke çyzykly ýazuw gözenejiklerinde ýazmagy öwretmegi göz öňüne tutýar.

Mugallymçylyk mekdeplerinde kalligrafiýany genetik sistemada harplaryň elementleriniň ugurdaşlygyna görä toparlara bölüp öwretmek maslahat berilýär.

Dürs ýazuw  sapaklarynda mugallym ünsi diňe harplaryň grafiki şekiline bermän, olaryň sözlerde, baglanşykly tekstde ulanylyşyna hem gönükdirmelidir. Şu maksat bilen hem işiň ýazmaça, basmaça (golýazma), basmaça nusgalaryny göçürmek, ýatdan ýazmak, uly bolmadyk beýannamalardyr, düzmejikleri ýazdyrmak ýaly görnüşlerini ýola goýmaly.

Talyplaryň kalligrafiýany özleşdiriş derejesi gündeki ýazuwlarynyň we ýörite geçirilen barlag işleriniň netijesinde kesgitlenilýär. Mugallym işleri barlanda ýazuwyň hilini, grafiki şekilleriň dürsdigini, ýazuw işiniň arassalygyny, ýazuwyň owadan we gelşiklidigini hasaba almaly.

Talyplaryň ýazuw poçerkiniň düzelmegi üçin mugallymçylyk mekdebinde ähli ýazuwlara ýeke-täk talabyň bolmagy zerurdyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň kämil döwletiň esasynyň ylma we bilime degişlidigi baradaky ylmy pelsepeleri, taryhy Kararlarydyr Permanlary Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe has-da wajyp ähmiýete eýe boldy. Bu bolsa geljekki mugallymlary taýýarlaýan Mugallymçylyk mekdeplerinde okuw maksatnamalarynyň, okuw kitaplarynyň, okuw meýilnamalarynyň kämil bolmalydygyny ýüze çykarýar.

Mugallymçylyk mekdeplerinde dürs ýazuw dersi geljekki hünärmenlerde sowatly, arassa, owadan, hatdatlyk taýdan talabalaýyk ýazuw endiklerini kemala getirmekde möhümdir. Bu Mugallymçylyk mekdebini tamamlaýanlaryň ýazuwynyň örän ýokary derejede dürs we talabalaýyk bolmaklygyny üpjün etmekden, kämilleşdirmekden ybaratdyr. Mugallymlar türkmen elipbiýini ösdüriji, öwrediji hünärmenler bolup durýarlar. Şonuň üçin olaryň haty-ýazuwy ýokary hilli bolmalydyr. Sebäbi olar geljekde okuwçylara partada dogry oturmagy, ruçkany dogry tutmagy, depderleri dogry saklamagy, hatynyň

ululyk möçberlerini we beýleki endikleri talabalaýyk öwredip bilmekligi başarmalydyrlar.

Maksatnamada dürs ýazuwy öwretmeklik elipbiý tertibi boýunça öwredilmän, A. Baýramowanyň, N. Ziýaýewiň, A. Geldimämmedowanyň “Harplyk” (1-nji we 2-nji iş depderler) atly orta mekdepleriň 1-nji synpy üçin niýetlenen ýörite iş depderleri esasynda öwretmeklik göz öňünde tutulýar.

Dürs ýazuw sapaklarynda gürrüň, mugallymyň sözi, okuwçynyň özbaşdak işi ýaly usullardan we olaryň degişli tärlerinden döredijilikli peýdalanylmalydyr.

Dürs ýazuw sapaklarynda mugallym diňe bir harplaryň dogry, dürs ýazylyşlaryny öwretmek bilen çäklenmän, harplaryň dürli orunlarda gelişlerindäki aýratynlyklaryny, sözleri we sözlemleri ýazdyrmak arkaly hem öwretmelidir. Şu maksat bilen dürli ýazmaça işleri geçirmelidir. Talyplaryň göçürip we ýatdan ýazyp bilmek endiklerini ösdürmelidir. Munuň üçin möçberi uly bolmadyk ýazgylary, beýannamalary, düzmeleri ýazdyrmak maksada laýyk bolar.

Dürs ýazuwy kemala getirmekde ähli ýazuwlaryň ýeke-täk talaplarynyň saklanyşyny gazanmak zerurdyr.

## 1. Dürs ýazuwa taýýarlyk. Hatyň arassalygy, möçberi. Harplar, depderler.

Adam häsiýetinde ykjamlygy, tertipliligi, arassalygy kemala getirmekde dogry, owadan we dürs ýazmagyň ähmiýeti. “Owadan hat-açyk göwün” diýen türkmen pähiminiň durmuşdaky ähmiýeti. Haty dürs ýazmakda ilkinji endikler. Partada dogry oturmagyň, ruçkany dogry tutmagyň ähmiýeti. Talyplaryň ruçka tutuşlaryny barlamak, gözden geçirmek. Okuwçy depderleri we ondaky çyzyklara dogry düşünmek. Hatyň ýapgytlygy (60-70)$^0$. Hatyň arassalygy we möçberi. Harplar we olaryň elementleri. Ýazuwa taýýarlyk. Tagtada dogry durmak we eliňi dogry tutmak, hekden dogry peýdalanmagy öwretmek.

Çagalara ýazuw endiklerini öwretmek üçin zerur şertler döredilmelidir. Bu işe mugallym ýolbaşçylyk etmelidir. Eýsem okuwçylaryň hatyny owadan ýazmaklary üçin nämeler zerur? Mugallym hat ýazylýan wagtynda okuwçynyň partada dogry oturmagyna köp üns bermelidir. Çünki şu şertleriň ýazuwyň talabalaýyk bolmagynda ähmiýeti uludyr. Okuwçynyň hatynyň-ýazuwyny hilini ýokarlandyrmak üçin aşakdaky talaplary göz öňünde tutmak hökmandyr.

- Okuwçynyň oturýan partasy nähili bolmaly?
- Okuwçylar partada nähili oturmaly?
- Depderler partanyň üstünde nähili durmaly?
- Ruçkany nähili tutmaly?

Okuwçynyň oturýan partasy onuň boýuna laýyk bolmalydyr. Partada oturanda okuwçy aýaklarynyň bütin dabanyny ýere goýup oturmaly. Her bir mugallym, esasanam, 1-nji synp okuwçylaryna bu

ýagdaýy öwretmelidir. Bu çaganyň diňe hatyny owadan ýazmagyna däl, eýsem, onuň bedeniniň sagdyn, oňurgalarynyň göni ösmegine-de oňaýly täsir edýär. Ýazan wagtynda okuwçynyň göwresi göni ýagdaýda durup, kellesi bolsa birazajyk öňe egilmelidir. Onuň aýaklary göniburç görnüşinde dyzdan epilip, dabanlary ýerde dogry goýulmalydyr. Bu endiklere mugallym hemişe gözegçilik edip durmalydyr.

Çagalaryň ellerini partanyň üstünde dogry goýmaklary iň zerur hereketleriň biridir. Eger eller partanyň üstünde nädogry goýulsa, birinjiden ýazmak kyn bolýar, ikinjiden bolsa, harplary dogry birikdirip, owadan ýazyp bilmeýärler.

Okuwçy partada dogry oturanda, oňa dem almak aňsat bolýar. Şonda gan kadaly aýlanýar. Şonuň üçin mugallym okuwçylaryň oturyşyna mydama gözegçilik edip durmalydyr. Depderlerini partanyň üstünde dogry goýmaklarynyň hem harplary kada laýyk ýazmaklarynda ähmiýeti uludyr. Okuwçy hat ýazýan wagtynda onuň golunyň çepden saga edýän hereketi dogry bolmalydyr we tirsegi bir ýerden başga ýere gymyldaman durmalydyr. Depder ýazuw wagtynda partanyň üstünde dogry goýlan bolsa, onuň aşaky çep burçy okuwçynyň kükreginiň edil arasyna gabat bolup durmalydyr. Mugallym okaýan we ýazýan wagty okuwçylaryň kükregini parta degrip oturmagynyň zyýanlydygyny-da düşündirýär. Kükrek bilen partanyň arasy 3-5 sm aralykda bolmalydyr.

Owadan ýazmakda ýene-de zerur zatlaryň biri – okuwçynyň ruçkany dogry tutmagydyr. Ruçka sag eliň üç barmagy bilen tutulýar. Ruçkany tutmaga başam barmak, orta barmak we süýem barmak gatnaşýar. Başam barmak ruçkanyň çep tarapyndan, orta barmak bolsa

sag tarapyndan, süýem barmak bolsa ruçkanyň üstünden tutup durýar. Ruçka orta barmagyň birinji bognunyň ortasynda durýar. Ruçkany tutýan wagtynda ýaňky sanalan barmaklaryň hemmesi çalaja egilýär. Hat ýazylýan wagtynda ruçkany barmaklar bilen gaty gysyp saklamak gerek däldir.

Mundan başga-da mugallym synp tagtasynda ýazanda hekden dogry peýdalanmalydyr.

Ýazuw wagtynda dogry oturmagy görkezýän ýörite çekilen suratlaryň synp otagynda asylyp goýulmagynyň hem ähmiýeti uludyr.

"Owadan hat-açyk göwün" diýen türkmen pähiminden görnüşi ýaly, biziň hatymyzyň owadan bolmagy durmuşdaky tutýan ornumyza-da baglydyr. Şonuň üçinem her birimiz harplary owadan ýazmagy öwreneliň.

**Kalligrafiýanyň ähmiýeti we wezipeleri. Ýazuwyň gigiýenasy.** Arassa ýazuwa orta mekdepleriň maksatnamasynda aýratyn sagat berilmän, ol türkmen dili sapagynyň hasabyna 3-5 minut aralygynda geçirilýär. Arassa ýazuw minutlaryny geçirende, mugallymlar, bir tarapdan, sapaga söýgi döredýärler, ikinji tarapdan, okuwçylaryň harplary elementleri boýunça dogry ýazmaklaryny, olary dogry birikdirmeklerini, çagalaryň owadan, ýeterlik derejede çalt we ritmiki ýazuw endiklerini ösdürmegi gazanýarlar.

Arassa ýazuw minutlary başlangyç synplaryň ählisinde (I-III synplarda) geçirilýär. Şol sebäpli başlangyç synp mugallymlary arassa

ýazuwy öwretmegiň maksadyny we ondan edilýän talaplary doly bilmelidir.

**Arassa ýazuwyň maksatlary.** Arassa ýazuw öwredilende aşakdaky talaplar berjaý edilmelidir:

- okuwçylaryň her bir harpyň şekilini talabalaýyk dogry ýazmagy;
- harp belgilerini sözde sepleşdirip ýazmagy başarmagy;
- sözleri çalt we owadan ýazmagy;
- ele alnan endikdir başarnyklary indiki synplarda ulanmagy gazanmakdan ybaratdyr.

Arassa ýazuw dersi çagalarda ýazuwa bolan höwesi, erjelligi kemala getirýär. Arassa ýazuw öwredilende öňi bilen okatmakdan, öwretmekden we terbiýe bermekden edilýän esasy talaplar göz öňünde tutulmalydyr.

**Arassa ýazuwy berjaý etmek boýunça endiklerden edilýän talaplar**Arassa ýazuw boýunça okuw ýylynyň ahyrynda birinji synp okuwçysy harplaryň şekillendirilişiniň 16 sany gurluş birligini,her harpyň böleklerini we olary birikdirmegiň üç görnüşini bilmelidirler.

Ol türkmen milli elipbiýiniň ähli ýazmaça belgilerini göz öňüne aýdyň getirmegi,olary atlandyrmagy we ýazmagy başarmalydyrlar, her belginiň degişli aňladýan sesi bilen gatnaşygyny bilmelidirler, harp şekillerini dogry ýasamakda ýalňyşlyk göýbermeli däldir.

Sesi eşidip,onuň şekilini ýazmagy başarmalydyrlar.

Harplaryň beýikligini, inliligi we gyşarnygy boýunça bölekleriniň gyradeňligi berjaý edilmelidir.

Ýazuwyň tizligi ýyl ahyrynda minutda 35-45 harp, ýazygynyň göwrümi ortaça 3-4 sözden durýan 6-7 sözlem bolmalydyr.

Okuwçylara harplary 60-65$^0$ saga gyşardyp ýazmaklygy endik etdirmek örän möhümdir.

**Arassa ýazuw dersiniň mazmuny.** Harplaryň şekilini kagyza geçirmek başarnygy, olary owadan we düşnükli ýazmagynyň hem-de dürs ýazuwyň düýbüni tutmagyň başlangyjydyr, esasy özenidir, ýazuw endiginiň gözbaşydyr. Eger-de soňky başarnyklardyr endikler, esasan, II-III synplarda amal edilýän bolsa,onda I synpda diňe harplaryň şekili,olaryň beýikligi,inliligi, göniçyzyklygy ýa togalaklygy, süýnmekligi ýa-da aýlawlylygy, harp belgisiniň aşagynda ýa ýokarsynda, sagynda ýa solunda gaňyrçagyň barlygy, ululy-kiçili halkajyklaryň bolmagy çagalaryň üns merkezinde bolmalydyr. Şoňa görä-de birinji synpda,esasan,harplaryň belgilerini ýazmak, olary birikdirip söz ýazmak öwredilýär.

Ýazuw sapaklarynda ýazuwyň gigiýenasyny dogry berjaý etmeli. Ýazuw wagtynda çagalar partada billerini egmän oturmalydyrlar. Çagalaryň eglip ýazmaklaryna ýol bermeli däldir. Eglip ýazmak çaganyň birinjiden, gözüne zyýan ýetirse, ikinjiden beden saglygyna zyýan berýär. Çaga ýazýan wagty göz bilen depderiň arasy 30-35 sm çemesi bolmaly. Okuwçylar kellesini gyşartman,göni tutmalydyr, elleriniň ikisi hem partanyň üstünde goýulmalydyr.

I synp okuwçylar üçin niýetlenen ýörite iş depderleri her ýyl neşir edilýär. Okuwçylar sowat öwretmegiň ähli döwürlerinde ýazuw işleriniň

hemmesini mugallymyň gözegçiliginde şol depdere ýazýar. Beýleki synplarda hem ýazuw depderler talabalaýyk ulanylmaly. Ýazuw wagtynda ruçkanyň basymy bir deň däldir. Hatyň çalt ýazylyşy I-II synplarda hökman däl. Olar harplary haýalrak, sünnäläp ýazmalydyr. Haty owadan ýazmakda ruçkany dogry tutmagyň ähmiýeti barada ýatlap geçipdik.

**Ýazuwyň ilkinji endikleri. Ýazuwyň görnüşleri. Ýazuw setkasy. Klas tagtasy we depderler.** Ýazuw öwretmekligiň ilkinji sapagynda mugallym okuwçylary iş depderleri bilen tanyşdyrýar. Ony partada goýmagyň ýörite düzgünlerini öwredýär. Ilkinji ýazuw sapaklarynda ýörite iş depderlerinde berlen harp bölekleri ýazmagy ýola goýýar.Ýazuw sapaklarynda okuwçylary ýadatmaly däl. Her bir iş tabşyrygy 20-25 minutyň dowamynda tamamlanar ýaly maksat etmeli. Ýazuwyň basmaça we ýazmaça (golýazma) görnüşleri bardyr. Çagalar,esasan, ýazmaça görnüşinde owadan,elementleri boýunça dogry ýazmaklygy öwrenýärler. Harplaryň elementleri ýörite iş depderlerde anyk görkezilýär. Mugallym şol berlen nusgalar boýunça harplary ýazmagy we olary dogry birikdirmegi öwredýär.

I synp okuwçylary üçin niýetlenen goşa çyzykly (dar çyzykly) ýazuw depderlerinde-de okuwçylaryň kalligrafiýasyny düzetmek üçin goşmaça ýumuşlary ýazdyrmak bolar. Mugallym bu depderlere gyzyl syýa bilen harplary ýa olaryň elementlerini ýazyp görkezýär we ony okuwçylar ýerine ýetirýärler. Synp tagtasyny ýazuwa taýýarlamak hem

zerurdyr. Synp tagtasynyň bir tarapyna ýazuw üçin ýörite çyzyklar çyzdyrylýar we okuwçylar şol çyzyklarda dogry ýazmagy öwrenýär.

## 2. Talyplaryň hatdatlyk endiklerini barlamak.

Tagtada we depderde käbir harplary, sözleri ýazdyrmak arkaly talyplaryň öňki ýazuw endikleri bilen tanyşmak. Synp tagtasynda käbir harp elementleriniň üstünde işlemek. №1, №2 iş depderleri bilen tanyşmak.

Mugallymyň sowat öwretmek döwrüni maksadalaýyk guramagynda, çagalaryň sözleýşiniň we aňynyň ösüş derejesini kesgitlemekde, olaryň okuw hem ýazuw endiklerini kämilleşdirmekde, ata Watanymyza , ata-enä söýgini ösdürmekde ”Harplyk” döwrüniň 1-2-nji iş depderleriniň ähmiýeti örän uludyr. Bu iş depderleri sowat öwretmegiň dürli döwürlerine degişli bolup, onda ýazuwa taýýarlyk işleri, harplaryň taýajyklary, şekilleri bilen tanyşmak, sözüň ilki seslerini saýlamak, ýönekeý bogunlary, söz we sözlem düzmek ýaly işleri amala aşyrmak






göz öňünde tutulýar. Bulardan başga-da suratlar, çagalaryň pikirlenmek endiklerini ösdürmek üçin soraglar, ýumuşlar ýerleşdirilýär.

1-nji synplar üçin niýetlenen bu iş depderlerini talyplar hem“Dürs ýazuw” sapaklarynda yzygider ulanyp, onda harplaryň elementlerini we olary dogry birikdirmekligi, sözleri, sözlemleri owadan ýazmaklygy öwrenmelidirler.






## 3. Harplaryň üstünde işlemek.

Depderi partanyň üstünde dogry goýmak. Ýazuwyň ilkinji endikleri üçin maşklary etmek. Howada käbir harplary ýazdyryp görmek. Bir elementiň köp harplarda gaýtalanýandygy barada gürrüň. Dürs ýazuwda goýberilýän umumy säwilikler.

- Harplary basmaça görnüşde ýazmak endikleri.
- Harplary çep tarapa ýykyp ýazmak endikleri.
- Harplaryň möçberiniň dogry saklanylman, beýikli-pesli ýazmak endikleri.
- Ruçkany gaty basyp ýazmak endikleri.
- Ýokary we aşak düşýän harplaryň möçberini bozup ýazmak endikleri.



- Harplary biri-birine nädogry birikdirmek endikleri barada mugallymyň düşündirişi.

Sözdäki harplaryň biri-biri bilen dogry birikdirilip ýazylmagynyň ähmiýeti örän uludyr. Ylaýta-da harplaryň gapdalyndan we aşagragyndan baglaýjy çyzyjyklar bilen birikdirilýän (ol, al,or, öz we ş.m.) harplaryň ýazylyşyna has köp üns bermelidir. Köp halatda okuwçylar şol baglaýjy çyzyjyklary



ýatlaryndan çykaryp, harplary nädogry birikdirýärler. Şoňa üçinem mugallym ýazdyrýan wagtynda okuwçylara ol harplary nähili birikdirip ýazmalydygyny ýatladyp, gerek bolsa synp tagtasynda hem ýazyp görkezmeli. Okuwçylaryň hatynyň-ýazuwynyň hilini kesgitlemekde aşakdaky talaplary göz öňünde tutmak gerekdir:

- harplaryň asyl nusgasyny bozmak ýazuwyň kemçiligi hasaplanmalydyr;
- ýokary, aşak çykarylman ýazylýan setir harplaryň beýiklik-pesliginiň meňzeş bolmagyny we setirden aşak-ýokaryk çykýan harplaryň ýazylyşynda deňligi saklamak zerurdyr;
- ýazuw ýazylýan wagtynda harplar sag tarapa az-kem gyşardylyp, setiriň başyndan ahyryna çenli gyradeň ýazylmalydyr;
- sözdäki harplaryň we sözlemdäki sözleriň aradaşlygy birmeňzeş bolmalydyr;
- harplary biri-biri bilen birikdirip ýazmagyň ýollaryny bozmaly däldir;
- ýazuw wagtynda gigiýena talaplaryny doly berjaý etmelidir.

**Setir we baş harplaryň aýry-aýry elementleri bilen tanyşdyrmak.** Türkmen milli elipbiýindäki harplar umumy görnüşi boýunça 2 topara: baş we setir harplara bölünýär.Setir we baş harplary emele getirmek üçin olaryň birnäçe elementleri bar.

Setir harplaryň elementleri bilen tanyşdyrmak.

Eňňit ýazuwa niýetlenen ýazmaça harplaryň setir harplaryny düzýän elementler:

*/ / / / / / / /*

*O O O O O*

Talyplar ýokardaky setir we baş harplaryň elementlerini birinji synpyň ýörite (1-nji we 2-nji iş depderler) iş depderlerine talabalaýyk ýazmalydyrlar.

**Harplaryň genetiki esasda toparlara bölünişi.** Ýazuw öwretmegiň üç usuly bar:

- Kopirowal (düşürme) usuly.
- Takt (sanamak) usuly.
- Genetik usuly.

Bu usul ýazuwa aňsatdan başlap, ýuwaş-ýuwaşdan çylşyrymly harplara geçmek esasynda geçirilýär. Harplar geçirilişi boýunça ýazdyrylmak, elementleri meňzeş bolan harplar toparlara bölünip ýazdyrylýar. Şoňa görä, bu usul bilen ýazuw öwretmeklik Harplyk geçilip gutarylandan soň, okuwçylar ähli harplary biri-birinden oňat tapawutlandyryp başlan döwründen başlanyp bilner.

Mugallymçylyk mekdebimizde dürs ýazuw sapaklaryny geçinimizde setir we baş harplaryny genetik esasda 5 topara bölüp öwrenýäris.

| **Setir harplar:** | | **Baş harplar:** | |
|---|---|---|---|
| *a)* | *u ü i w n m p ý* | *a)* | *U Ü W A Ä N Ň M* |
| *b)* | *t h ň k l f j y* | *b)* | *O Ö Ç G E R B* |
| *c)* | *ö a ä d g* | *c)* | *I H J K Y Ý* |
| *d)* | *ç e r b* | *d)* | *T F D P* |
| *e)* | *s ş ž z* | *e)* | *Ž L Z S Ş* |

# DÜRS ÝAZUW

Mekdepde arassa ýazuw öwredilende setir harplar şekillerine görä 7 topara bölünýär:

1. Esasy bölegi süýrümtik tegelek (togalak) harplar: a( ), b( ), ä( ), g( ), ö( ), o( ), d( );

2. Umumy bölegi aýlawly göni çyzykly harplar: i( ), j( ), t( ), u( ), ü( ), y( ), ý( );

3. Umumy bölegi öňünde we yzynda, aşagynda ýa ýokarsynda aýlawly göni çyzygy bolan harplar: m( ), n( ), ň( ), p( ), r( ), w( );

4. Umumy bölegi ýarym süýrümtik tegelegi bolan harplar: ç( ), e( ), l( );

5. Umumy böleginiň ýokarsynda ýarym süýrümtik tegelegi bolan harplar: k( ), h( ), f( );

6. Umumy bölegi aşakda we ýokarda aýlawly çyzyklary bolan harplar: z( ), ž( );





Baş harplar hem 9 topara bölünýär:

1. I(I), J(J), K(K), H(H);
2. B(B), D(D), P(P), R(R);
3. A(A), Ä(Ä), M(M), T(T), F(F);
4. Ç(Ç), G(G), E(E);
5. L(L), Z(Z), Ž(Ž);
6. O(O), Ö(Ö);
7. U(U), Ü(Ü), W(W), Y(Y), Ý(Ý);
8. N(N), Ň(Ň);
9. S(S), Ş(Ş);

Harplaryň uly-kiçiligine, şekil taýdan biri-birine azda-kände meňzeşligine görä toparlara bölünmegi, olary şol yzygiderlikde öwretmeli diýildigi däldir. Olar okuw kitaplary we iş depderleri bilen deňeçer alnyp barylsa, öwretmek hem-de dürs ýazuwy kämilleşdirmek üçin örän ähmiýetli bolar.

1-nji topar setir harplary ; u, ü, i, w, n, m, p, ý. Olar ýokarsy aýlawly, aşagy aýlawly, ýokarsy-aşagy aýlawly setir harplarydyr. Bu harplary 1-nji synpyň dar çyzykly ýazuw depderlerine talabalaýyk ýazmaly.

*u u u*

---

*ü ü ü*

---

*w w w*

---

*n n n*

---

*m m m*

*p p p*

*ý ý ý*

Talyplar her bir harplary, sözleri, sözlemleri owadan edip ýazmagy öwrenmeli.

Ýazuwa taýýarlyk döwründe okuwçylar hem harplaryň elementlerini aňly-düşünjeli özleşdirýärler. Olar aşakdaky ýaly harp bölejiklerini ýazmagy öwrenýärler.

**4. Aa, Kk, Tt harplaryny tagtada we depderde ýazmagy öwretmek.**

Aa harpynyň uzyn aýdylýan a (aý, bagly, baba) we gysga aýdylýan a sesler üçin (tagma, açyk, takyk) ulanylyşy. Kk harpynyň ortaky (kümüş, ýüpek, ekiş,) we yzky kentlewük k sesine (kagyz, kaka, ak) derek ulanylyşy. Tt harpynyň t sesi üçin ulanylyp, sözüň hemme ýerinde ulanylyşy. Harplary howada ýazmak. Olara degişli bolan türgenleşik elementlerini ýazmak. Baş we setir harplara degişli gönükmeleri işlemek. Taýýar tekstleri göçürip ýazmak. “Meniň maşgalam” atly ýazgy taýýarlamak.

Mekdepde 1-nji synpda çagalara sowat öwredilýär. Olara harplyk döwründe öwredilýän harplar türkmen elipbiýindäki harplaryň ýerleşiş tertibinde bolman, Harplyk kitabyndaky harplaryň ýerleşiş tertibinde öwredilýär. Harplar okatmagyň sese dargatmak – düzmek usulynda alnyp barylýar. Harplyk kitabynda harplar şu aşakdaky ýaly ýerleşýär: Aa, Kk, Tt, Mm, Ll, Oo, Bb, Rr, Ýý, Ee, Nn Yy, Pp, Ii, Dd, Ää, Öö, Hh, Zz, Jj, Ss, Şş, Ňň, Uu, Üü, Gg, Çç, Ww, Žž, Ff.

Ilki bilen biz **a, k, t** harplarynyň elementlerini we ýazylyşyny öwrenýäris.





Aa harpynyň uzyn aýdylýan a (aý, bagly, baba) we gysga aýdylýan



a sesler üçin (tagma, açyk, takyk) ulanylyşy. Kk harpynyň ortaky (kümüş, ýüpek, ekiş,) we yzky kentlewük k sesine (kagyz, kaka, ak) derek ulanylyşy. Tt harpynyň t sesi üçin ulanylyp, sözüň hemme ýerinde



ulanylyşy. Harplary howada ýazmak. Olara degişli bolan türgenleşik elementlerini ýazmak. Baş we setir harplara degişli gönükmeleri işlemek. Taýýar tekstleri göçürip ýazmak. “Meniň maşgalam” atly ýazgy taýýarlamak.

## 5. Mm, Ll, Oo harplaryny tagtada we depderde ýazmagy öwretmek.

Mm harpynyň sözüň hemme ýerinde gelşi. Ll harpy l sesi üçin



ulanylyp, sözüň hemme ýerinde gelşi. Oo harpynyň uzyn aýdylýan (borç, goza, doda) we gysga aýdylýan (oglan, orak, dogan) o sesleri üçin ulanylyşy.Harplary howada ýazmak. Olara degişli bolan türgenleşik elementlerini ýazmak. Baş we setir harplara degişli gönükmeleri işlemek. Öwredilen endikleriň saklanylyşyny synp tagtasynda barlamak. Çagalaryň durmuşyna degişli goşgulary ýazmak.



Goşa çyzykly (dutar) we her goşa çyzygyň arasynda ýene bir



ýukajyk çyzyk geçýän üç çyzykly depderler bilen işlemek. Bu çyzyklaryň ýokaryk we aşak düşýän harplaryň möçberini görkezýändigini öwretmek. Goşa çyzykda ýokaryk çykýan we aşak düşýän harplaryň çakyşmazlygyny gazanmak.

Setir we baş harplaryň elementlerini ýazyp türgenleşmek we




degişli sözleri, sözlemleri ýazmak.

O O

O O O

O O O

Oo Oo

ol ol

al al

o o o

o o o

ot

o-ka

o-ta

## 6. Bb, Rr, Ýý harplaryny tagtada we depderde ýazmagy öwretmek.

Bb harpynyň sözüň başynda we ahyrynda ulanylyşy. Rr harpynyň sözüň hemme ýerinde gelşi. Ýý harpynyň sözüň dürli orunlarynda gelşi. Harplary howada ýazmak. Olara degişli bolan türgenleşik elementlerini ýazmak. Baş we setir harplara degişli gönükmeleri işlemek. Geçilen harplaryň hersine degişli has atlary ýazmak.















## 7. Ee, Nn, Yy harplaryny tagtada we depderde ýazmagy öwretmek.

Ee we Nn harplarynyň sözüň dürli orunlarynda gelşi. Yy harpynyň uzyn aýdylýan (ys, gybat, gyz) we gysga aýdylýan (ygal, ylym, şygyr) y sesine derek ulanylyşy. Harplary howada ýazmak. Olara degişli bolan türgenleşik elementlerini ýazmak. Baş we setir harplara degişli

gönükmeleri işlemek. Geçilen harplary gaýtadan ýazdyrmak. Göçürip we ýatdan ýazmak endiklerini ösdürmek üçin suratlaryň üstünde işlemek.



## 8. Pp, Ii, Dd harplaryny tagtada we depderde ýazmagy öwretmek.

Pp harpynyň sözüň dürli orunlarynda gelşi. Ii harpynyň uzyn aýdylýan (diş, ige, nil) we gysga aýdylýan (dil, pikir, iki) i sesine derek ulanylyşy. Dd harpynyň sözüň başynda we ortasynda, alynma sözlerde ullanylyşy. Harplary howada ýazmak. Olara degişli bolan türgenleşik elementlerini ýazmak. Baş we setir harplara degişli gönükmeleri işlemek. Özbaşdak işler. Mugallymyň aýdyp bermegi esasynda ýazuw işlerini geçirmek. “Sport saglygyň girewidir” atly ýazgy taýýarlamak.





# DÜRS ÝAZUW











**9. Dürli görnüşli barlag ýazuw işlerini geçirmek.**

Öwrenilenleri berkitmek üçin geçilen harplar bilen baglanşykly sözleri dürs ýazuw kadasyna laýyklykda tagtada we depderde ýazmagy öwretmek.

Geçilen harplaryň ýazuw düzgünlerini berkitmek.

*Illi*

*Pamyk*

*Omar*

*Maýa*

*Toýly*

*Artyk*

*Merdan*

*ýelken*

*tamdyr*

*limon*

*Artyk kitap aldy*

*Omar mekdebe barýar*

*Pamyk mala ot berdi*

**10. Ää, Öö, Hh harplaryny tagtada we depderde ýazmagy öwretmek.**

Ää harpynyň uzyn aýdylýan (bäş, gämik, däne) we gysga aýdylýan (jähek, zähmet, şäher) ä sesi üçin ulanylyşy. Öö harpynyň uzyn aýdylýan (bölüm, dört, köz) we gysga aýdylýan (böwet, göz, köýnek) o sesine derek ulanylyşy. Hh harpynyň bogazda we yzky kentlewükde ulanylyşy. Harplary howada ýazmak. Olara degişli bolan türgenleşik elementlerini ýazmak. Baş we setir harplara degişli gönükmeleri işlemek. Surat üstünde işlemek. Ses ýazgysyny diňletmek esasynda ýazgy taýýarlamak. Harplaryň nusgalaryny taýýarlamak.



ı ı ı

o o o

ä ä

ä ä

Ö Ö

Öö Öö

Ö-de

ö ö ö

ö ö ö

öý öý

kö-ke

J J J

l l l

Hh



f f f

h h

hat

ha-tar

## 11. Zz, Jj, Ss harplaryny tagtada we depderde ýazmagy öwretmek.

Zz harpynyň sözüň hemme ýerinde ulanylyşy. Jj harpynyň sözüň başynda we ortasynda ulanylyşy. Ss harpynyň sözüň hemme ýerinde gelşi. Harplary howada ýazmak. Olara degişli bolan türgenleşik elementlerini ýazmak. Baş we setir harplara degişli gönükmeleri işlemek. Hekaýalardan bölekleri göçürip ýazmak. “Watanymyzyň ösüşi” atly ýazgy taýýarlamak.














**12. Şş, Ňň, Uu harplaryny tagtada we depderde ýazmagy öwretmek.**

Şş harpynyň sözüň hemme ýerinde gelşi. Ňň harpynyň sözüň ortasynda we ahyrynda ulanylyşy. Uu harpynyň uzyn aýdylýan (un, surat, duşman) we gysga aýdylýan (ulag, uruş, ussa) u sesine derek ulanylyp, sözleriň diňe birinji we ikinji bogunlarynda ýazylyşy.Harplary howada ýazmak. Olara degişli bolan türgenleşik elementlerini ýazmak. Baş we setir harplara degişli gönükmeleri işlemek. Setir aralarynda ýaryş guramak.

Ş Ş Ş

Ş Ş Ş

Ş ş Ş ş



ş ş

şa–pak şa–pak

şä–nik şä–nik

şat

Ň Ň

Ň ň

ň ň ň

teň–ňe

soň







## 13. Üü, Gg, Çç harplaryny tagtada we depderde ýazmagy öwretmek.

Üü harpynyň gysga we uzyn aýdylýan ü sesine derek ulanylyşy. Gg harpynyň yzky kentlewük , ortaky we alynky kentlewük sesler üçin ulanylyşy. Çç harpynyň sözüň hemme ýerinde ulanylyşy. Harplary howada ýazmak. Olara degişli bolan türgenleşik elementlerini ýazmak. Baş we setir harplara degişli gönükmeleri işlemek. Talyplaryň biri-birleriniň hatlaryny deňeşdirmek. Harplaryň nusgalaryny taýýarlamak.





ç ç

çay çay

Gun-ça ça-pak ça-lar.

ç ç ç ç

o o o

g g g

g g g

ga-zan

Ç Ç Ç

Ç ç

ço-rek

## 14. Ww, Žž, Ff harplaryny tagtada we depderde ýazmagy öwretmek.

Ww harpynyň tegelek yşgalaňly dodagara we ýasy yşgalaňly dodak-diş w sesine derek ulanylyşy. Žž harpynyň sözüň eşidilen ýerinde ýazylyşy. Ff harpynyň sözüň hemme ýerinde ýazylyşy. Harplary howada ýazmak. Olara degişli bolan türgenleşik elementlerini ýazmak. Baş we setir harplara degişli gönükmeleri işlemek. Ýatdan ýazmak endiklerini ösdürmek üçin suratlaryň üstünde işlemek. “Men mugallymçylyk kärini söýýärin” atly ýazgy taýýarlamak.





Z z Z z

z z z

z z z

f f f

fo-nar fo-nar

fab-rik fab-rik

F F

F f

## 15. Geçilenler boýunça barlag ýazuw işleri.

Meniň gündelik işim.

Men irden turýaryn. Maşk edýärin. Ýuwunýaryn we nahar edinýärin. Sagat sekiz bolanda mekdebe ugraýaryn. Mekdepde okaýarys. Sagat bir bolanda öýe gelýärin. Öýe gelip nahar, nahar edinýärin.

Dynjymy alýaryn. Soňra öýe berilen işi ýerine ýetirýärin.

Gezelenje gitdik.

Ýaz çykdy. Biz meýdana gezelenje gitdik. Meýdan gök otlardan doly. Otlaryň arasynda gülälek köp. Gülleriň üstünde kebelekler uçup ýör. Biz gülälek ýygdyk. Meret bilen Sona kebelek tutdy.

## 16. Synp tagtasynda ýazmagy kämilleşdirmek.

Synp tagtasynda ýazmak bilen iş depderlerde ýazmagyň arasynda uly tapawut bar. Iş depderlerinde ýazmak üçin dogry oturmak, elleriňi partada dogry goýmak depderi 60°-65° çepe gyşardyp tutmagy talap edýän bolsa, synp tagtasynda ýazmak ondan düýpli tapawutlanýar.

Synp tagtasynda ýazmak üçin tagtanyň öňünde dogry durmak, eliňi dogry tutmak, hekden dogry peýdalanyp bilmek harplaryň ölçegini

hemmelere görner ýaly ululykda we setirden göni ýazmagy başarmak zerur bolup durýar.

Tagtada käbir harplary sözleri, senäni we temanyň adyny... ýazdyrmak.

Talyplaryň goýberen ýalňyşlaryna derňew geçirmek.

**Biziň synpymyz**

Men birinji synpda okaýaryn. Biziň synpymyzda ýigrimi okuwçy bar. Biz okamagy, ýazmagy, hasaplamagy, iňlis, rus dillerini öwrenýäris.

Hormatly Prezidentimiziň sargyt edişi ýaly, biz örän oňat bahalar bilen okaýarys. Biz geljekde bilimli, ylymly adamlar bolup ýetişeris.

## 17. Dürli temadaky tekstleri synp tagtasynda ýazmak

Barlag ýazuw işleriniň esasy maksady dürs ýazuw kadasyna laýyklykda öwrenilen harplary sözleriň içinde dogry ulanmak üçin, harplary dogry birikdirmekleri, baglanyşykly ýazuwy ele almaklary üçin mugallym tarapyndan kiçi göwrümli tekstler saýlanyp alynýar. Munda tekstiň söz sany kesgitlenmän talyplaryň harplary elementleri boýunça dogry gurap, alan bilimlerini ýazuw arkaly beýan edip görkezmekleri maksat edinilýär.

**Biziň Prezidentimiz**

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow ähli halkymyzyň saýlan döwlet ýolbaşçysydyr. Hormatly Prezidentimiz çagalar, halkymyz üçin örän köp alada edýär. Ol täze mekdepleri, çagalar baglaryny we dynç alyş merkezlerini açyp berdi. Hormatly Prezidentimiziň sowgat beren kompýuterlerinden biz sapakda peýdalanýarys.

**Ýol hereketi**

Köçäniň burçunda dürli reňkli çyra asylgy dur. Onuň birden gyzyl yşygy, birden sary, birden ýaşyl yşygy ýanýar. Oňa ýolyşyk diýilýär. Gyzyl yşyk hereketi saklaýar, sary yşyk duýduryar, ýaşyl yşyk geçmäge rugsat berýär.

Gök, gyzyl, sary

Reňkleriň bary

Nobatma-nobat

Ýanyp öçerler .

Gözüne bakyp,

Ýoldan geçerler.

## 18. Geçilenleri gaýtalamak. Eliňi götermän üznüksiz ýazmak.

Talyplaryň arassa ýazuw kadasyny kämilleşdirmek maksady bilen birnäçe sözlemleri, tekstleri, depderde ýazdyrmak, olaryň ýazýan pursatlary ruçkany dogry tutmak we her sözi doly ýazyp tamamlanýança harplaryň arasynda ruçkany götermän ýazmagy talap etmek. Bu talap okuwçylarda owadan ýazmagy kämilleşdirýär.

***Kepderi***

*Dynç alyş günleriniň bir günüdi. Nurgeldi irden turup çaý çöregini iýdi. Mallaryna ot berdi. Öýleriniň golaýynda howalanyp duran torraňy bardy. Şol toraňňynyň belent şahalarynyň birinden başaşak sallanyp duran bir zada onuň gözi düşdi. Nurgeldi şol tarapa ugrady. Nurgeldi baryp görse, aýagy ýüpli kepderi torraňy şahasyna çolaşypdyr. Ol derrew torraňa dyrmaşyp ugardy. Nurgeldi ýüpüň çolaşygyny aýydry-da kepderini eline aldy.*

Bellik: “başaşak” diýen sözi okuw tagtasynda ýazmaly.

**Talyplaryň hatdatlyk endiklerini barlamak.**

1-nji synpda arassa ýazuw dersi öwredilende, mugallym aşakdaky maksatlary göz öňünde tutmaly:

- okuwçylaryň her bir harpyň şekilini talabalaýyk, dogry ýazmagyny;
- harp belgilerini sözde birikdirip ýazmaga başarmaklaryny;
- sözleri çalt we owadan ýazmaklaryny;
- bu babatda gazanan başarnyklaryny indiki synplarda durnukly ulanmaklaryny.

Mugallym arassa ýazuw dersiniň maksatlaryny berjaý etmäge çalyşmalydyr hem-de onuň okuwçylarda ünslüligi, erjelligi terbiýeleýändigini ünsden düşürmeli däldir.

Mälim bolşy ýaly, harplaryň şekilini kagyza geçirmek başarnygy olary owadan we düşnükli ýazmagyň hem-de dürs ýazuwyň düýbüni tutmagyň başlangyjy hem esasy özenidir. Şoňa görä-de mugallym arassa ýazuw dersini öwredende,1-nji synp okuwçylarynyň ünsüni harplaryň şekillerine, olaryň beýikligine, inliligine, gönüçyzyklylygyna, togalaklygyna, süýnmekligine, aýlawlylygyna, harp belgileriniň

aşagynda, ýokarsynda, sagynda we solunda çyzyjaklaryň ýa-da uly-kiçi halkajyklaryň barlygyna çekmelidir.

## Edebiýat

1. G.Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat. 2007ý.

2. G.Berdimuhamedow Eserler ýygyndysy. Aşgabat. 2007ý.

3. G.Berdimuhamedow. Älem içre at gezer. Aşgabat.2011ý.

4. A. Mergenow, Y.Seýisow. Başlangyç klaslarda ene dilini okatmagyň metodikasy. Aşgabat. 1961ý.

5. Y. Seýisow. Başlangyç klaslarda ene dilini okatmagyň metodikasy. Aşgabat. 1985ý.

6. M.Söýegow, M.Rejepow. Meniň elipbiýim. Aşgabat. 1997ý.

7. M.Söýegow, M.Rejepow. Täze türkmen elipbiýi. Aşgabat. 1995ý.

8. M.Söýegow, N.Rejepow, G.Goşaýewa. “Harplyk”. Aşgabat. 2009ý.

9. B.Çarygulyýew we baş. Türkmen dilini okatmagyň usulyýeti. Aşgabat.2010ý.

10. P.Azymow, B.Çaryýarow. Türkmen diliniň sözlügi. Aşgabat.1989ý.